Resminamalaryň elektron görnüşleri diýip, kagyz görnüşindäki resminamanyň şekiline dälde işiň başky elektron (kagyzsyz) tehnologiýasyna düşünilýär; ol kagyz görnüşiniň diňe resminamanyň gaty nusgasy hökmünde peýda bolmagyny göz öňünde tutýar.

Resminamanyň elektron görnüşi (ER) – bu peýdalanyjy ta-rapyndan doldurmak üçin goýlan boş meýdany bolan sahypadyr. Görnüşler gelýän resminamanyň dürli görnüşiniň bolmagyna ýol berip biler we buýruk düwmelerini, pereklýuçatelleri, düşüp galýan men ýulary ýada saýlap almak üçin sanawlary özünde saklap biler..

Elektron resminamalaryň görnüşlerini döretmek ýörite pro g ramma üpjünçiligini talap edýär. Elektron resminamalaryň esasy görnüşli elementleri getirilýär, olary peýdalanmak elektron resminamalary taslamagyň awtomatlaşdyrylan programmalarynyň köpü sinde göz öňünde tutulandyr.

Elektron resminamalaryň ýetmezçiligine olary tassyklamak ýa da gol çekmek prosesiniň hukuk taýdan doly derejede işlenmändigini degişli edip bolar.

Elektron resminamalary işlemek tehnologiýasy ýöriteleşdiri len programma üpjünçiliginiň, köplenç, korporatiw MUna goşulýan, resminamalaryň dolanyşygyny dolandyryş programmalarynyň peýdalanylmagyny talap edýär.

Elektron resminamalaryň görnüşlerini taslamak, ýagny gör nüşleri taslamagyň programma üpjünçiliginiň kömegi bilen gör nüşiň ülňüsini döretmek, adatça, şu işleriň ýerine ýetirilmegini öz içine alýar:

- ER-iň gurluşyny döretmek – taslamagyň grafiki serişdeleriniň kömegi bilen daşky görnüşini döretmek;
- ER-iň görnüşiniň mazmunyny kesgitlemek, ýagny meýdany doldurmagyň usullaryny saýlap almak. Meýdanlar el bilen ýada haýsydyr bir sanawdan, menýudan, maglumatlar bazalaryndan ähmiýetleri saýlap almak arkaly doldurylyp bilner;
- ekran görnüşleriniň maketleriniň sanawyny kesgitlemek – her ýumuş boýunça taslaýjy her wezipäniň «goýluşyny» seljerýär, onda operatiw we hemişelik maglumaty bolan, peýdalanylýan giriş resminamalarynyň we netije maglumaty bolan resminamalaryň sanawy getirilýär;
- maketleriň mazmunyny kesgitlemek – operatiw we hemişelik maglumaty bolan ilkinji resminamalarynyň we netijeli resminamalaryň maglumatlarynyň düzümini seljermegiň esasynda ýerine ýetirilýär.

Iş ekran görnüşleriniň işlenip taýýarlanan maketlerini program malaşdyrmak we olary synag

Все права защищены

save pdf date >>> 23.11.2024

etmek (aprobasiýsa) bilen tamamlanýar.

**Saparmyrat HANOW**
**Türkmenistanyň Inžener-teniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy**

Все права защищены
save pdf date >>> 23.11.2024